# Taryhy eserler: Zafarnama

Category: Edebiýaty öwreniş,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Taryhy eserler: Zafarnama

TARYHY ESERLER

▶ "ZAFARNAMA"

Taryhda "Zafarnama" ady bilen Gündogar ýurtlarynda birnäçe kitaplar ýazylypdyr. Geliñ olardan käbiriniñ adynyñ we awtorynyñ üstünde gysgajyk durup geçeliñ.
Aslynda "Zafarnamalaryñ" içinde iñ meşhury Nyzameddin Şamynyñ we Şerefeddin Ýezdiniñ ýazan kitaplarydyr. Olaryñ ikisi-de beýik hökümdar Emir Teýmirleñiñ ýörişlerini we ýeñişlerini beýan edýär.
"Zafar" – bu ýeñiş diýmekdir. "Zafarnama" bolsa, "Ýeñişler kitaby" ýa-da "Ýeñişnama" diýmekligi añladýar.

■ Nyzameddin Abdylwasy Şamynyñ "Zafarnamasy"

Emir Teýmirleñiñ hut öz görkezmegi bilen Nyzameddin Abdylwasy Şamy tarapyndan 1404-nji ýylyñ mart aýynda ýazylyp gutarylan (pars dilinde) bu taryhy kitap Teýmirleñiñ ömrüni anyk beýan edýän gymmatly kitaplaryñ biridir.
Kitap Teýmirleñiñ ýeñişlerini, Hindistan, Bagdat, Erdebil ýörişlerini giñişleýin suratlandyrýar.
1405-nji ýylda Teýmirleñiñ aradan çykmagy bilen kitabyñ "Mejmua" atly jemleýji bölümini 1411/12-nji ýylda onuñ ogly Şahruhyñ görkezmesi bilen köşk hronology Hafizu Abru ýazýar.

■ Şerefeddin Aly Ýezdiniñ "Zafarnamasy"

Şerefeddin Aly Ýezdi tarapyndan Emir Teýmirleñiñ ýörişlerinden we ýeñişlerinden söz açýan "Zafarnama" kitaby ilki pars dilinde, soñra Teýmirleñiñ agtygynyñ görkezmesi bilen (1425) türki dilinde ýazylýar.

■ Abdylla Hatefiniñ "Zafarnamasy"

Gündogaryñ beýik akyldary Abdyrahman Jamynyñ aýal doganynyñ ogly, şahyr Abdylla Hatefiniñ (1454-1521) Emir Teýmirleñiñ ýörişlerine bagyşlap ýazan 4.500 beýtli poetiki eseri. Bu esere başga "Teýmirnama" hem diýilýär.

■ Hafyz Tanyş al-Buharynyñ "Zafarnamasy"

Şeýbanylar dinastiýasynyñ wekili, Buhara hanlygynyñ hany Abdylla II-niñ Horezme, Deşti-Gypjaga, Horasana, Orta Aziýa, Eýrana eden ýörişleri barada täjik (pars) dilinde ýazylan bu eser üç kitapdan ybaratdyr. Birinji kitabyñ ady "Abdyllanama", ikinji kitabyñ ady "Şarafname-i şahi", üçünji kitabyñ ady bolsa "Zafarnamadyr".

■ Hamidulla Mustawfynyñ "Zafarnamasy"

Pars şahyry, taryhçy Hamidulla Mustawfy Kazwini (1288-1349) 75 müñ beýtden ybarat "Zafarnama" poema-sene ýazgysynda Eýranyñ Ilhanly mongol häkimiýeti astyndaky döwürlerinden söz açýar. Kazwininiñ özü-de Ilhanly hökümdary Oljaýtunyñ gullugynda bolupdyr.

■ Guru Gobind Singhiñ "Zafarnamasy"

Hindistanda Muhammet Zahyruddin Babyryñ guran beýik imperiýasyna garşy söweşen sikh gurusy, mass halkynyñ ýolbaşçysy, şahyr Guru Gobind Singhiñ (1666-1708) musulman agalygyna garşy alyp baran göreşlerini beýan edip ýazan eseri.

■ Diwan Amar Nathyñ "Zafarnamasy"

Hindistanly şahyr Diwan Amar Nath tarapyndan 1837-nji ýylda pars dilinde ýazylan. Bu eserem hindi maharajasy Ranjit Singhiñ (1780-1839) musulman agalygyna garşy alyp baran göreşlerinden söz açýar.

■ Zyýa Paşanyñ "Zafarnamasy"

XIX asyryñ täze türk edebiýatynyñ Namyk Kemal, Şinasy ýaly üç düýbüni tutujysynyñ biri bolan Zyýa Paşanyñ (1829-1880) Aly Paşany ýañsa alyp, 1869-njy ýylda ýazan ironiki eseri.

Taýýarlan: © Has TÜRKMEN.

Edebiýaty öwreniş